# Yñdarmalygyñ galyndysy… Kitap ýakmak

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yñdarmalygyñ galyndysy… Kitap ýakmak YÑDARMALYGYÑ GALYNDYSY… KITAP ÝAKMAK




*Kitap ýakmak warwarlygyñ we inkwizisiýanyñ döwri bolan yñdarma katolikligiñ galyndysydyr. Häzirkizaman galyndysy-da nasizmdir. XVII asyrdan bäri ýewropaly döwletleriñ hatarynda ýer alan Şwesiýanyñ döwlet salyhatlylygynyñ ýetmeli derejesine şindizem ýetip bilmändigini görýäris.*

Kitap ýakma prowokasiýasy Günbatar taryhynda gabat gelýär. Zyýanly neşirler, möçberi köpelen we gadagan edilen kitaplar bar, bulara indeks diýilýär. XVI asyrda gadagan edilen kitaplaryñ sanawy “Index Librorum Prohibitorum” («Индекс запрещённых книг») çap edilmäge başlandy.


INDEX LIBRORVM
PROHIBITORVM,
CVM REGVLIS CONFECTIS
per Patres a Tridentina Synodo delectos,
auctoritate Sanctiss.D.N. Pij IIII,
Pont. Max. comprobatus.
VENETIIS, M. D. LXIIII.

Emma medeniýet taryhynda adamlaryň iň masgaraçylykly kitap ýakma wakalaryna nemes faşistleri sebäp boldular. Ýakylan kitaplaryň arasynda Genrih Geýne ýaly nemes romantiki nasionalizminiň iň görnükli şahyrynyňam (diňe aslynyň jöhitdigi üçin) kitaplary bardy. Isteriýa özüni aldyran gatlaklar müňlerçe awtoryň on müňlerçe kitabyny ýakdy. Elbetde, olaryň içinde jöhit dininiň mukaddes kitaplary-da bardy. Hatda sinagoglaryň birinden alynan käbir Töwrat rulonlaryndan, ýagny derä ýazylan nusgalaryndan nemes ofiseri gursakça tikdiripdi we konslagerlerdäki ýesirleriň öňüne geýip çykypdy. Ol muny biçäre jöhit ýesirleriniň degnasyna degmek we olary kemsitmek üçin şeýdipdi. Dini ynançlara ynanmaýan, ýeterlik derejede hormat goýmaýan adamlar bolup biler. Emma adamlaryň ynanjy olaryň ruhunyň bir parçasydyr, olaryň umydydyr, görnetin duşmançylyk edýändikleriniň alamaty hökmünde garamak beter ýalňyş, hatda aşa ýigrenji zat. Kitap ýakmak warwarlygyň we inkwizisiýanyň döwri bolan yňdarma katolikligiň galyndysydyr. Häzirkizaman galyndysy-da nasizmdir.



**• DÖWLET SALYHATLYLYGY ÝOK**

Gynansak-da, Şwesiýa ilçihanalaryñ öñünde edilýän çykyşlara 80-90-njy ýyllarda hemmeleriñ we etniki azlyklaryñ hak-hukugy hökmünde garamak bilen çäklenmedi. Bularyñ prowokasiýalarynyñ öñüni aljak bolmagyñ deregine, ilçihananyñ daş-töweregini germawlar bilen aýlap çykypdy. Bu boýunça bildirilýän nägileliklere-de üns berilmeýärdi. Döwletiñ nähili döwletdigi daşary ýurtly diplomatlaryñ jan saglygynyñ we at-abraýynyñ goragynyñ üpjün edilişi bilen kesgitlenýär.

Orta asyrlarda-da ilçiniñ şahsyýetine dil ýetirmek ýa-da janyna kast etmek üçin aýratyn hak-hukuk talap edilipdir. Osmanly döwletiniñ Ýewropadaky köne ýaranlarynyñ biri we azyndan XVII asyrdan bäri ýewropaly döwletleriñ hatarynda ýer alan Şwesiýanyñ döwlet salyhatlylygynyñ ýetmeli derejesine şindizem ýetip bilmändigini görýäris. Garşylyklaýyn nutugyñ we tankyñ iñ aýgytlaýjy ýeri-de şu bolmaly.



*Daniýaly ekstremist sagçy syýasatçy Rasmus Paludan Türkiýäniñ Şwesiýadaky we Daniýadaky ilçihanalarynyñ öñünde Kurany-Kerim ýakypdy.*

Ilber ORTAÝLY.

«HÜRRIYET» gazeti, 20.01.2023 ý. Publisistika